Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly BERDIMUHAMEDOW:

— MENIŇ MAKSADYM TÜRKMEN DIPLOMATIÝASYNYŇ MILLI MEKDEBINI HEMMETARAPLAÝYN GOLDAMAKDAN WE DÜNÝÄNIŇ IŇ ÖSEN TALAPLARYNA LAÝYK GELÝÄN BILIM ULGAMYNY SIZE ELÝETERLI ETMEKDEN YBARATDYR.

# ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI

INTERNET GAZETI

Biziň baş maksadymyz Watana gulluk etmekdir!

# THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT

INTERNET NEWSPAPER

№ 6, 2021-nji ýylyň 24-nji apreli

Our main goal is to serve the Motherland!

*Internet gazeti 2020-nji ýylyň 1-nji oktýabryndan bäri çykýar*

*Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty*




## Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly BERDIMUHAMEDOW:

— Žurnalistler üçin öz işini kämilleşdirmegiň ýeke-täk ýoly özüňe talapkärligi ýokarlandyrmak we ähli babatda döwrüň talabyndan ugur almakdyr.

* * *

Biz öz alyp barýan işlerimizde milli bähbitlerimize, olaryň ileri tutulýan ugurlaryna we milli ýörelgelerimize daýanýarys. Biz şu wezipeleri durmuşa geçirmegi üpjün edýän syýasaty işläp taýýarladyk we ony ýöretmäge girişdik... Bu meseleleri halk köpçüligine we dünýä jemgyýetçiligine düşündirmekde, olary adamlaryň aňyna ýetirmekde jemgyýetçilik guramalarymyza, ideologiýa bilen meşgullanýan döwlet edaralarymyza uly orun degişlidir.

* * *

Ýurtda gündelik amala aşyrylýan çuň özgertmeleriň mazmunyny, gerimini yzygiderli beýan etmekde köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň öňünde örän jogapkärli wezipeler goýulýar.

## Rektoryň sagbolsunyna mynasyp bolan talyplar

*Garaşsyzlygymyzy gazananymyzdan soň, geljegiň röwşeni hasaplanylýan ýaşlarymyzy döwrüň talabyna laýyklykda ylymly-bilimli, aň-düşünjeli edip ýetişdirmek hormatly Prezidentimiziň baş maksatlarynyň biridir. Bu ugurda talyp ýaşlarymyzyň başarnygyny, zehinini ýüze çykarmakda köp işler durmuşa geçirilýär.*

*Däp bolşy ýaly, her aýyň ahyrynda aýyň jemine bagyşlanyp, institutymyzda geçirilýän ýygnakda. Onuň barşynda talyplaryň okuwa bolan ýetişigine we gatnaşygyna, olaryň daşary ýurt dillerini öwrenmek meselesine garalýar. Aýyň dowamynda sapaklaryna gowy ýetişen, köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde yzygiderli çykyş eden we geçirilýän bäsleşiklerde baýrakly orunlara mynasyp bolan ökde talyba «Aýyň talyby» diýen hormatly at berilýär. Ýygnagyň ahyrynda rektorymyz tarapyndan aýyň dowamynda bäsleşiklerde ýeňiji bolan, jemgyýetçilik çärelerinde ezberligi bilen öňe saýlanan talyplara Hormat hatlary we sowgatlar gowşurylýar. Şeýle hem, rektor okuwda we köpçülik işlerinde öňe saýlanan talyplara institutymyzda hereket edýän portalyň üsti bilen sagbolsun aýdýar.*

*Şulary göz öňüne tutmak bilen gazetimizde «Rektoryň sagbolsunyna mynasyp bolan talyplar» atly täze rubrika açýarys hem-de soňky döwürde sylaglanan talyplaryň sanawyny çap edýäris:*

1. ***Halykowa Sona;***
2. ***Döwletnazarowa Hatyja;***
3. ***Sadykow Meýlis;***
4. ***Polatbaýew Jahangir;***
5. ***Kerimow Arslankerim;***
6. ***Rahymow Serdar;***
7. ***Hojamyradow Meýlis.***

## HGI habarlary

30-31 марта 2021 года при совместной организации Туркменского сельскохозяйственного университета имени С.А.Ниязова и Казахстанско-немецкого университета был проведен национальный тур Международной онлайн-олимпиады по Целям устойчивого развития среди студентов.

В онлайн-олимпиаде приняли участие и успешно выступили студенты 2 курса факультета международных экономических отношений Института международных отношений МИД Туркменистана М.Ходжамырадов, А.Керимов, Дж. Полатбаев и студент 2 курса факультета международных отношений С.Рахимов.

12 апреля 2021 года студенты принявшие участие в данной онлайн-олимпиаде были награждены соответствующими сертификатами, ценными призами первичной молодёжной организации института при Молодежной организации Туркменистана имени Махтумкули. Для всех нас стало радостным событием, что Дж. Полатбаев занял III место в номинации «Infrastructure, Industrialization and Innovation» («Инфраструктура, индустриализация и инновации»).

* * *

2021-nji ýylyň 12-nji aprelinde bu onlaýn olimpiadada çykyş eden talyplar Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda hereket edýän ilkinji guramasy tarapyndan gymmat bahaly sowgatlar bilen sylaglanyldy we olara degişli sertifikatlar gowşuryldy. J.Polatbaýewiň bu olimpiada üstünlikli gatnaşyp, «Infrastructure, Industrialization and Innovation» ugry boýunça 3-nji orna mynasyp bolmagy biziň ählimiz üçin buýsandyryjy waka boldy.

* * *

On April 9, 2021, a training course on «Renewable Energy Sources and International Cooperation of Turkmenistan» was held at the Institute of International Relations of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan. The teachers and pupils of the secondary schools № 37,58, 72, 76 of Ashgabat which cooprate with our institute, participated in this course which was in the training center titled «Energy Diplomacy». During the course, the professors and teachers of our institute made impressive and interesting presentations. The main topic of the course was on renewable energy sources, their actual role in practice and in this regard it is also dedicated to such sphere as the international cooperation of Turkmenistan. During the course, the students and pupils interesting questions to the lecturers of our Institute.

* * *

2021-nji ýylyň 8-nji aprelinde Aşgabat şäheriniň 21-nji ýöriteleşdirilen terbiýeçilik-okuw mekdebinde Durnukly ösüş maksatlaryna bagyşlanan okuw sapagy guraldy. Durnukly ösüş maksatlary boýunça ylmy-usulyýet merkezi tarapyndan gurnalan okuw sapagyna bu ylmy-usulyýet merkeziniň ýaş ilçileri, şeýle hem 21-nji ýöriteleşdirilen terbiýeçilik-okuw mekdebiniň okuwçylary gatnaşdylar.

Ýaş ilçiler tarapyndan alnyp barlan sapagyň barşynda Durnukly ösüş maksatlarynyň gury ýerleriň goraglylygyna, dikeldilmegine, olaryň ulanylmagyna ýardam etmäge, tokaýlardan rejeli peýdalanmaga, çölleşmäge, ýerleriň zaýalanmagyna we biodürlüligiň azalmagyna garşy göreşmäge gönükdirilen 15-nji maksadyna aýratyn üns berildi. Okuw sapagynyň dowamynda 15-nji maksadyň iş ýüzünde amala aşyrylmagynyň ähmiýeti anyk mysallar arkaly açylyp görkezildi. Sapagyň dowamynda bu ugur boýunça ýurdumyzda hormatly Prezidentimiziň parasatly ýolbaşçylygynda alnyp barylýan ägirt uly işler dogrusynda anyk mysallar arkaly giňişleýin gürrüň edildi.

Okuw sapagynyň ahyrynda oňa gatnaşyjylar Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmekde döredip berýän ajaýyp mümkinçilikleri üçin hormatly Prezidentimize alkyş sözlerini aýtdylar.

# TÄSIN KEŞPLI 3D HALYNY DÖREDEN SURATKEŞ

**Türkmen bedewiniň we Türkmen alabaýynyň baýramyna**

*Şu ýylyň aprelinde Türkmenistanyň Döwlet çeperçilik akademiýasynyň sergi zalynda bedewiň we alabaýyň şekilini sungat işlerinde şekillendirmek boýunça halkara bäsleşiginiň jemleýji tapgyry boldy. Mälim bolşy ýaly, Hormatly Prezidentimiziň Karary bilen 2010-njy ýylda ahalteke bedewleriniň şekilini şekillendiriş we amaly-haşam sungatynyň eserlerinde, fotosuratlarda, teleýaýlymlarda çeper beýan etmek boýunça suratkeşleriň, heýkeltaraşlaryň, halyçylaryň, zergärleriň, fotosuratçylaryň, neşirýat işgärleriniň we dizaýnerleriň arasynda yglan edilen bu bäsleşik her ýyl Türkmen bedewiniň hem-de Türkmen alabaýynyň baýramynyň öň ýanynda geçirilip gelinýär. Bu ýyl bolsa oňa türkmen alabaýynyň şekilini çeper beýan etmek boýunça bäsleşik hem goşuldy. Bu halkara bäsleşigine döredijilik işgärleriniň sungatyň dürli ugurlaryna degişli hödürlän 300-e golaý eserleriniň arasynda Türkmenistanyň halk suratkeşi Ada Gutlyýewiň «Türkmenistan -bedewleriň mekany» atly çeper keşpli 3D ölçegli haly eseri hem bar. Biz Türkmenistanyň DIM-niň Halkara gatnaşyklary institutynyň talyplary bilen şol ýerde bolanymyzda meşhur suratkeş Ada GUTLYÝEW bilen söhbetdeş bolduk.*

*— Ada Aşyrgeldiýewiç, ilki bilen sizi ýetip gelýän Türkmen bedewiniň hem-de Türkmen alabaýynyň baýramy bilen gutlaýarys.*

— Sag boluň! «Türkmenistan – Parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» ýylynyň her aýy, her güni şanly wakalara, toýdur-baýramlara beslenýär. Ýakyn wagtlarda Aşgabat şäheriniň döredilmeginiň 140 ýyllygygynyň, şanly Garaşsyzlygymyzyň 30 ýyllyk ýubileý baýramynyň, şeýle hem Türkmen bedewiniň hem-de Türkmen alabaýynyň baýramlarynyň giňden belleniljekdigi şatlygymyzy goşalandyrýar we bize döredijilik bäsleşigine höweslendirýär.

*— Ada aga, siz 2010-njy ýyldan bäri her ýyl yglan edilip gelinýän bäsleşigiň 10 gezek yzygiderli ýeňijisi boldyňyz. Bu ýyl hem 11-nji gezek bäsleşige gatnaşýarsyňyz. Ozaly bilen şu ýyl bu bäsleşige hödürleýän üýtgeşik keşpli haly eseriňiziň aýratynlyklary dogrusynda gürrüň beräýseňiz?*

— Bu ýyl bäsleşige hödürlän eserimi ýaňy özüňizem gördüňiz. Birnäçe atyň toplumyny halynyň ýüzünde 3D görnüşinde ýerleşdirdim. Uzagrakdan seredeniňde gülälekli meýdana hem meňzeýän bu eseri döretmek üçin juda köp wagt bäri pikirlenip gezdim. 2003-nji ýylda Sankt-Peterburgda bolan wagtymda Pýotr I şekiliniň 3D görnüşde jaýlaryň ýüzünde ýerleşdirilendigini görmek miýesser edipdi. Ana, şol wagtlar hem bu usuly halyda barlap görmek kelläme gelipdi, ýöne entek nähili boljagyny doly göz öňüne getirmändim. Soňra şol barada gyzyklanyp, maglumatlary gözläp başladym. Mundan üç- dört ýyl ozal agalarymyň biri «Zaman» gazetinda çap edilen 3D görnüşli suratlary getirip görkezdi hem-de bu ugurda keşpli halynynyň döredilmeginiň gowy boljakdygy baradaky pikirini aýtdy. Şondan soň men bu işiň ugruna has çynlakaý çykyp ugradym. Oglum Didar hem bu ugurda maňa innowasion çözgüt tapmaga kömekleşdi. Şeýlelikde, hormatly Prezidentimiziň sanly ulgamy giňden durmuşa ornaşdyrmak barada öňde goýýan wezipelerinden ugur alyp, «Türkmenistan — bedewleriň mekany» atly sanly ulgama degişli 3D ölçegli janly halyny döretdim. Uzynlygy 2,5 mert, ini 2,10 metr bolan bu haly eserimde ilki her dürli reňklerdäki kiçijek bedewleriň keşbini halynyň ýüzünde ýerleşdirdim. Şolaryň esasynda 3D görnüşli hala dykgatly seredip duran mahalyňda onuň içinden ullakan bedewiň şekiliniň öňe çykyp görünmegini döretmegi başardym. Halyda bedewiň orta çykýanyny ilki özüm, soňra çagalarym, ondan soň dost-ýarlarym we ençeme tanyşlarym gördüler. Ana, şu wagtam sergide birnäçe adam halyda bedewiň öňe çykyşyny görip dur. Adamlaryň käbiri bolsa bu görnüşi indi görmäge synanyşyp durlar. Munuň üçin halynyň öňüne geçip, 2 metr uzaklykda



durup, eliňi öňe uzadyp, başam barmagyň dyrnagyna seredip durmaly. Birnäçe wagtdan soň bedewiň uly şekili halynyň ýüzüne çykýar. Ine, şuny görüp bilmek gerek.

*— Siz bu halkara bäsleşiklerinde 10 gezek yzygiderli ýeňiji bolmagyňyzyň syry barada aýdaýsaňyz?*

— Bu barada aýtsam, «Ýaryşda 12 gezek ýeňiji bolmalysyň!» diýip, agam şert goýdy. «Näme üçin 12 gezek?»- diýip sorarsyňyz? Sebäbi XX asyryň birinji ýarymynda Absent atly ahalteke bedewi her dört ýyldan bir gezek bolýan Olimpiýa oýunlaryna 3 gezek gatnaşýar. Munuň özi bu meşhur atyň jemi 12 ýyllap olimpiýa oýunlarynyň jümmüşinde bolandygyny aňladýar. Ine, görşüňiz ýaly, 10 gezeg-ä ýeňiş gazanyp bilipdirin. Geljekde nähili üstünlik gazanjagymy bu bäsleşigiň netijesi görkezer.

*— Ada aga, siziň gowy netije gazanjagyňyza berk ynanýaryn. Pursatdan peýdalanyp, şeýle sorag bilen ýüzlenmekçi! Sergide siziň ogullaryňyz, gyzyňyz bilenem tanyş bolduk. «Ata kesbi ogla halal» diýlişi ýaly, siziň çagalaryňyzda hem şeýle ajaýyp sungat bilen meşgullanmak höwesi bar bolsa gerek?*

— Hawa, sungat döretmek iňňe bilen guýy gazan ýaly örän inçe iş. Sungata höwes meniň çagalarymda hem bar. Gyzym Mähri Türkmen Döwlet çeperçilik akademiýasynda mugallym bolup işleýär. Ol ahalteke bedewiniň şekili çekilen sungat eseri bilen bäsleşige gatnaşýar. Uly oglum Didaryň mundan dört-bäş ýyl ozal döreden bedewli halysyny hem sergä getirip goýduk, ýöne ol eser bäsleşige gatnaşanok. Körpe oglum Aşyrgeldiniň sungat işine yhlasy juda güýçli. Men Aşyrgeldä halypalyk edýärin, oňa sungatyň inçe tilsimlerini öwredýärin. Ol sungat işine örän höwes bilen ýapyşýar.

*— Ada Aşyrgeldiýewiç, men ozal siz barada köp eşidýärdim, Ada aga diýseler başgarak, agras adamy göz öňüme getirýärdim. Siz bolsa örän hoşamaý, göwnaçyk kişi ekeniňiz. Biz bilen söhbetdeş bolup, beren gyzykly gürrüňleriňiz üçin köp sag boluň!*



***Söhbetdeş bolan Gunça HAMEDOWA, Halkara žurnalistikasy fakultetiniň I ýyl talyby.***

# AŞGABAT – ARKADAGYŇ KALBYNYŇ TÄSIN ESERI

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ «TÜRKMENIŇ ALTYN ASYRY» ATLY BÄSLEŞIGINE**

Her gezek gözel Aşgabadymyza gezelenje çykanymda bir duýgy kalbymy gurşap alýar. Şol pursatda ak mermere beslenen belent minaralar, aýna ýaly dury köçeler, gyralaryndan gülleriň ysy bark urup duran giň şaýollar, baglarynda bilbilleri saýraýan seýilgähler, gyşyn-ýazyn gök öwsüp oturan arçalar – bularyň ählisi: «Geliň, Arkadagyň kalbynyň döreden täsin ajaýyp eserini synlaň» diýýän ýaly.

...Aşgabat! Arkadagymyzyň kalbynyň täsin eseri.

...Gör, kalbyňda ýaňlanyp gidýän nähili buýsançly sözler.

Hawa, türkmen halkyna eşretli zamanany, Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwrüni peşgeş beren Gahryman Arkadagymyzyň öz eli bilen binalardan döreden bu sungat eserini synlamagyň özi ullakan bagt. Bu ugurda žurnalistik pikir ýöretmek has hem ýakymly.

Hormatly Prezidentimiziň ýiti zehininiň miwesi bolan «Bitarap Türkmenistan», «Türkmeniň döwletlilik ýörelgesi», «Arkadag taglymaty – sagdynlygyň, ruhubelentligiň binýady» ýaly ajaýyp ençeme eserleri bilýäris. Ýöne men Aşgabady her gezek synlamynda gözel paýtagtymyz hem Gahryman Arkadagymyzyň kalbynyň mermer binalardan gurlan täsin eseri bolup görünýär.

Aslynda kalp diýilýän zat näme? Megerem, kalp her bir ynsanyň ýüreginde beslän ajap arzuwlarynyň ilki jemlenen ýeridir. Biz öz kalbymyzdaky beslän arzuwlarymyzy durmuşa geçirmäge çalyşýarys we munuň üçin hereket edýäris. Soňra bolsa, wysalyna ýetýäris. Bir seretseň, Aşgabat şäheri hem Gahryman Arkadagymyzyň wysal bolan kalbyna meňzeýär. Giň köçeler, aýna ýaly tekiz ýollar, päkize seýilbaglar... – bular kalbyň wysallarydyr.

Aşgabat şäheri Gahryman Arkadagymyzyň kalbyndan syzylyp çykan ajaýyplyklaryň dürnänesidir. Bize bolsa diňe ol gözellikleri lezzet alyp ýaşamak galýar. Eýsem, şu gözellikleri görüp ynsan kalby neneň joşmajak...

Edebiýat älemine syýahat edenimizde, biz, ilki bilen, eserdäki gahrymanlar bilen tanyş bolýarys. Eger biz çeper eseri höwes bilen okasak, onda onuň içindäki gahrymanlar bilen bile ýaşaýarys. Olaryň aglan ýerinde aglap, gülen ýerinde gülýäris.

Gahryman Arkadagymyzyň döreden Aşgabadyny milli Liderimiziň kalbynyň çeper eseri diýip göz öňümize getirsek, onuň içindäki gahrymanlar barada aýdyp geçmän bolmaz. Eýsem, bu eseriň gahrymanlary hakda söhbet açmaly bolnanda, bu ugurda nämeleri göz öňüne getirmek bolar? Bu hakda oýlananyňda ähli täze gurlan binalar, monumentler we bagybossanlar göz öňüne gelýär.

Hawa, her säheri nurly geljege uzaýan Aşgabadyň gözel durky hormatly Pezidentimiziň döwlet başyna geçen ilkinji gününden bäri has hem gözelleşdi. Döwrebap, durmuş makssatly binalaryň ençemesi gurlup ulanylmana berildi we olaryň gurluşygy häzir hem dowam edýär. Gözel paýtagtymyzda ýerleşýän Türkmenistanyň döwlet baýdagy 2008-nji ýylda Ginnesiň rekordlar kitabyna girizildi.

2010-njy ýylda bolsa, Oguzhan suw çüwdürimler toplumynyň Ginnesiň rekordlar kitabyna girizilmegi hem aýratyn belläp geçmeli zatlaryň biridir. Türkmen halkynyň nesilbaşysy Oguz hanyň we ogullarynyň heýkelleri ýerleşdirilen bu arhitektura toplumy türkmen paýtagtynyň görküne aýratyn gözellik berýär. Häzirki wagtda diňe bir ýurdumyzyň raýatlarynyň däl, eýsem dünýäniň jahankeşdeleriniň gelim-gidimli ýerine öwrülen «Älem» medeni dynç-alyş merkeziniň binagärlik aýratynlygy taýyndan Ginnesiň rekordlar kitabyna girizildi we adamlaryň rahat dynç almaklary hem-de wagtyny gyzykly geçirmekleri üçin häzirkizaman innowasion tehnologiýalarynyň enjamlary bilen doly üpjün edildi.

Aşgabat şäheriniň 2013-nji ýylda ak mermerden gurlan desgalaryň sanynyň köplügi boýunça Ginnesiň rekordlar kitabyna girizilmegi türkmen halkynyň göwün guşuny göge göterdi. Bu amala aşyrylýan işler türkmen paýtagtyna dünýä derejesinde uly ünsüň berilýändiginden aýdyň nyşan bolup durýar. Bu zatlaryň özi bizi hem, begendirýän hem – de buýsandyrýan zatlaryň biri hasaplanýar.

Hawa, ýene bir gezek nygtap aýtsak, bu amala aşyrylýan işleriň sakasynda Gahryman Arkadagymyzyň kalby bardyr. Sebäbi Aşgabat mähriban Arkadagymyzyň öz eli bilen döreden we bahasyna ýetip bolmajak sungat eseridir. Dogrudan hem, gözel paýtagtymyzyň islendik künjeginde nazaryň eglenende Aşgabat sünnälenip döredilen nakgaş eserine çalym edýär. Hormatly Prezidentimize «Türkmenistanyň at gazanan arhitektory» diýlen hormatly adyň dakylmagy hem muny aýdyňlygy bilen tassyklaýar.

Aşgabadyň ak mermere beslenen ajaýyp binalaryny sanasaň sogaby bar. Ýöne şolaryň içinde «Arkadag» binasyna aýratyn orun degişlidir. Bu binada türkmen halkyna döwletli döwrany peşgeş beren Hormatly Prezidentimiziň bedewe atlanyp parahatçylygyň ilçileri bolan akja kepderileri uçurup duran pursady şekillendirilipdir. Munuň özi Gahryman Arkadagymyzyň dünýä ýüzünde ynsanperwer, dost-doganlyk gatnaşyklaryna ygraraly bolan daşary syýasat alyp barýandygyny alamatlandyrýar. Şu binanyň özünde hem türkmen paýtagtyny täsin sungat eserine öwren, ýurdumyzy ösüşleriň bedew bady bile öňe alyp barýan mähriban Arkadagymyzyň bagt şäheri Aşgabady mundan beýläk-de gözelleşdirjekdigini görmek bolýar.

Aşgabadyň binalarynyň binagärlik-gurluşyk aýratynlygyna üns berenimizde, hormatly Prezidentimiziň kalbyna kygapdaşlykda onuň millilik ruhuna ýugrulanlygyny görmek bolýar. Abadançylyk binasynda bäş welaýatymyzyň gölleriniň ýerleşdirilmegi, Olimpiýa şäherjigindäki bedewiň keşbiniň depesinde ýerleşdirilen üzärlik we şol bedewiň boýnundaky alajany synlanyňda türkmen halkynyň milli ýörelgelerini görmek bolýar. Bu şekiller Gahryman Arkadagymyzyň öz döreden Aşgabat atly sungat eserinde pederlerden miras galan döwletlilik ýörelgelerine uly hormat goýýandygyny aňladýar.

Hawa, Aşgabatdaky her bir bina seretseň aýratyn bir gahryman bolup dur. Olary hyýalymyzda gürletseň, onda her biriniň özüne ýaraşýan häsiýetli aýratynlyklaryny görmek bolýar. Aşgabadyň owadan köçelerini seýil edip ýörkäň, kaşaň binalary synlasaň, eserdäki gahrymanlary gören ýaly bolýarsyň. Eýsem, mähriban Arkadagymyz özüniň bu eserinde gahrymanlarynyň sanynyň köplügi bilen näme diýjek bolduka? Edebiýatyň dili bilen aýdanymyzda, çeper eserlerde gahrymanlar näçe köp bolsa, onda eseriň adamlara täsir edijiligi, wakalaryň gyzyklylygy bilen haýran galdyryjylygy şonça ýokary bolýar. Şu nukdaýnazardan ugur alsak, Aşgabat atly eseriň çeperçiligi örän ýokary. Onuň içinde ýaşadygyňça sonça ýaşasyň geliberýär. Ine, hakyky çeper eser şular ýaly hem bolmaly. Şeýle çeper eserleriň okyjylary hem köp bolýar we iň esasy zat ynsanyň kalbynda ýaşaýar. Şu ýerde mähriban Arkadagymyzyň kalbynyň töründen çykan şeýle goşgy setirlerini gaýtalap-gaýtalap aýdasym gelýär.

***Aziýaň dür-merjeni,***
***Ak şäherim Aşgabat!***
***Dost-doganlyk merkezi,***
***Ak şäherim Aşgabat!***

***Köpetdagyň çeşmesi,***
***Garagumyň keşdesi,***
***Göýä ak gül dessesi,***
***Ak şäherim Aşgabat.***

Diňe kapldan çykan sözler şeýle owadan eşidilip bilner. Goşgynyň ikinji bendinde Gahryman Arkadagymyz Aşgabady Köpetdagyň çeşmesine, Garagum çölüniň owadan nagyşly keşdesine, ak güllerden düzülen dessä meňzedýär. Şu goşgynyň islendik sözünde hormatly Prezidentimiziň Aşgabat şäherine, eziz Watanymyz Türkmenistana bolan beýik söýgüsini görmek bolýar.

Häzirki wagtda binagärlik sungatynyň dürdänesi hasaplanýan gözel paýtagtymyz Aşgabady ösdürmegiň tapgyrlaýyn meýilnamasy üstünlikli durmuşa geçirilýär, birnäçe ýaşaýyş jaýlary gurlup ulanylmaga berilýär. Bu bolsa hormatly Prezidentimiziň kalbynyň «Aşgabat» eseriniň täze baby bolup görünýär. Hormatly Prezidentimiziň kalbynyň täsin sungat eseri bolan Aşgabadyň gözelligi hiç haçan egsilmesin!



***Aýlar ATAJYKOWA, Halkara žurnalistikasy fakultetiniň I ýyl talyby.***



*Institutymyzyň durmuşyndan interwýular*

# OKUW MERKEZI ÖZ IŞINE BAŞLADY

***Halkara gatnaşyklary institutynyň Türkmenistanyň Diplomatik gullugy üçin administratiw-tehniki işgärleri taýýarlamak boýunça okuw merkezinde üç aýlyk okuwlar şu ýylyň 1-nji aprelinde öz işine başlady. Bu merkezde sapaklar «Diplomatik poçta we hat alşygy», «Arhiw işi», «Iş dolandyryjylyk» ugurlary boýunça ýörite meýilnamalar esasynda guralýar. Ýakynda biziň habarçymyz bu ýerde bolup, okuw merkeziniň «Diplomatik poçta we hat alşygy» ugrunyň diňleýjisi Döwran NEPESOW bilen söhbetdeş boldy.***

***— Döwran, bu ýere okuwa gelmegiňiziň maksady, merkezde okuw işleriniň guralyşy barada gürrüň beräýseňiz?!***

— Men bu ýere Lebap welaýatyndan okamaga geldim. Men ozal Kazan şäherinde Halkara gatnaşyklary ugrundan magistraturada okap, terjimeçilik hünärini elime aldym, soňra Watan öňündäki gulluk borjumy ýerine ýetirip geldim. Wagtlaýynça hiç ýerde işlämok, ýöne öňräk internet saýtynda bu okuw merkezinde üç aýlyk okuwyň synaglaryndan üstünlikli geçen hünärmenlere degişlilikde şahadatnamalaryň berilýändigi we onuň netijesinde işlemäge giň mümkinçilikleriň döredilýänligi barada habary okap, bu ýere resminamalarymy tabşyrdym. Soňra synagdan üstünlikli geçip, okuwa kabul edildim. Bu ýerde bize diplomatik esasdaky resminamalary hem-de ýazgylary toplamagyň, paýlamagyň, şeýle-de rejelemegiň usullaryny öwredýärler. Okuwymyz hepde-de bäş gün dowam edýär. Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň tejribeli işgärleri, şol ministrligiň Halkara gatnaşyklary institutynyň hem-de Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň mugallymlary degişli ugurlary içgin öwredýärler.

***— Bize beren gyzykly gürrüňleriňiz üçin sag boluň, size öňüňizde goýan ähli maksatlaryňyza ýetmegiňizi arzuw edýäris!***

— Sag boluň! Şu pursatdan peýdalanyp, biz talyp ýaşlara okamaga, öwrenmäge döredip berýän giň mümkinçilikleri üçin hormatly Prezidentimize köp sagbolsun aýdýarys.



***Bägül MERDANOWA,***
***Halkara žurnalistikasy fakultetiniň I ýyl talyby.***

# Ýaş hünärmenleriň sesi belentden ýaňlanýar

***Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary bilen talyplara okamaga, öwrenmäge, giň mümkinçilikler döredilen. Döwrüň ösen tehnologiýalary bilen üpjün edilen kaşaň binalarda bilim alýan talyp ýaşlar öz başarjaňlyklary, ukyplary, zehinleri bilen döredijilik dünýäsine ganat ýaýýarlar. Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň Halkara žurnalistikasy fakultetiniň talyplary hem öz ukup we zehin başarnyklaryna daýanyp, «Žurnalistiň sesi» atly radiogepleşigini alyp barýarlar. Bu radiogepleşigi 2020-nji ýylyň 1-nji sentýabryndan bäri institutyň çäginde ýaýlyma berlip, uly arakesmede ýigrimi minut dowam edýär.***

***Gazetimiziň şu sanynda habarçymyzyň radiogepleşikleri taýýarlaýjy, Halkara žurnalistikasy fakultetiniň 3-nji ýyl talyby Rüstem Gurbanow bilen eden söhbetdeşligini ýetirýäris.***

***— Rüstem, siz radiogepleşigini taýýarlamak boýunça alyp barýan öz işleriňiz barada gürrüň beräýiň.***

Bu gepleşigiň esasy maksady biz, talyp ýaşlaryň geljekde ökde hünärmen bolup ýetişmekligimiz üçin ylmymyzy we bilimimizi tejribede ýokarlandyrmakdan ybaratdyr. Radiogepleşik hepdäniň 6 gününde hem ýaýlyma gidýär. Bu ýerde topar-topar bolup işlenilýär. Her toparda ýörite meýilnamany taýýarlaýan, alyp barýan we montaž edýän talyp bolýar. Ilkinji nobatda radiogepleşik ýaýlyma gitmänkä, meýilnama ýolbaşçy mugallym Tirkişmyrat Durdyýew tarapyndan okalýar. Ol meýilnamany barlap, gerek ýerlerine bellik edenden soň, gol çekýär we ýaýlyma gitmäge rugsat berýär. Meýilnamanyň başy salamlaşyk bilen başlanýar, soňra daşary ýurt dillerinde habarlar okalýar, saglyk bara-



daky peýdaly maslahatlar, goşgular, aýdymlar, doglan günler, geň täsinlikler ýaly sahypalar bolýar. Talyplar öz döredijilik ussatlyklaryny ýüze çykarýar. Montaž doly derejede ýerine ýetirilenden soňra, gepleşik ýene-de bir sapar mugallymlar tarapyndan diňlenilýär we ýaýlyma berilýär.

***- Rüstem, beren gyzykly gürrüňleriňiz üçin, sag boluň.***



***Söhbetdeş bolan:***
***Gülruh ATABAÝEWA,***
***Halkara žurnalistikasy fakultetiniň III ýyl talyby.***

# Welosiped ýörişi – saglyk ýörişi

***Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe Arkadagymyzyň tagallalarynyň netijesinde ýurdumyzda sport bäsleşikleri, köpçülikleýin sport çäreleri yzygiderli geçirilýär. Her ýylyň 7-nji aprelinde Bütindünýä saglyk güni bütin dünýäde bolşy ýaly, biziň ýurdumyzda hem giňden bellenilip geçilýär. «Türkmenistan – parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» diýlip, yglan edilen ýylynda Bütindünýä saglyk güni mynasybetli sport çäreleri, welosiped ýörişleri geçirildi. Gazetimiziň şu sanynda bu ýörişe gatnaşyjy Kyýat ILAMANOW bilen söhbetdeşligi çap edýäris.***

***— Kyýat, Bütindünýä saglyk güni mynasybetli welosiped ýörişine gatnaşandygyň barada öz ýürek buýsançlaryňyzy aýdaýsaňyz?!***

Hormatly Prezidentimiziň başlangyjy bilen 2018-nji ýylyň 12-nji aprelinde BMG-niň Baş Assambleýasynyň 72-nji sessiýasynyň 82-nji maslahatynda her ýylyň 3-nji iýunyny Bütindünýä welosiped güni diýip yglan etmek barada Kararnama kabul edildi. Şol günden bäri hem welosipedli ýörişleri gurnamak, köpçülikleýin welosiped sürmek ýurdumyzda däp bolup gelýär. 7-nji aprelde «Bütindünýä saglyk güni» mynasybetli ýurdumyzda geçirilen welosiped ýörişine beýleki ýokary okuw mekdepleriniň talyplary bilen bir hatarda bize hem gatnaşmak bagty miýesser etdi.



***– Siziň pikiriňizçe, welosipedli ýörişiň ähmiýeti nämelerden ybarat?***

— Lukmanlaryň berýän maslahatyna görä, welosiped sürmek, gan aýlanyşygyň gowulaşmagyna, bedeniň berkemegine, horlanmaga öňaýly täsir edýär. Şeýle-de welosiped ekologik taýdan arassa ulag hasaplanylýar. Bilşimiz ýaly, welosiped sporty häzirki döwürde jemgyýetçilik durmuşynyň aýrylmaz bölegine öwrüldi. Türkmen türgenleri bu ugurda geçirilýän halkara ýaryşlaryna yzygiderli gatnaşýarlar. Olaryň dürli bäsleşiklerde gazanýan üstünlikleri, hormatly Prezidentimiziň sporty hem-de onuň düzümlerini ösdürmäge uly üns berýändiginiň subutnamasydyr. Biz, ýaşlar hormatly Prezidentimize türkmen sportyny ösdürmekde alyp barýan işleri üçin alkyş aýdýarys.

***— Kyýat, beren gyzykly gürrüňleriňiz üçin sag boluň. Biz hem size okuwlaryňyzda üstünlikleriň ýar bolmagyny arzuw edýäris.***



***Söhbetdeş bolan Eneş ATAJANOWA,***
***Halkara žurnalistikasy fakultetiniň II ýyl talyby.***

# GAÝNAG SUW IÇMEGIŇ SAGLYGA PEÝDASY

Her gün azyndan 2 litr suw içmegiň saglyk üçin iňňän uly peýdasynyň bardygyny lukmançylyk ylmy bireýýäm subut etdi. Eýsem, suwy gaýnadyp içmegiň saglygymyza nähili peýdasy barka? Milli we döwrebap lukmançylykda gaýnag suwuň peýdasy barada köp ýerde agzalýar. Ine, olaryň käbiri:

- Ir bilen ajöze içilen gaýnag suw, ilki bilen, bokurdaga, soňra-da içegelere ýygnanan ownuk hapalary ýuwup aýyrýar. Lukmançylykda hapalary tämizlemekde gaýnag suwuň has peýdalydygy tassyklanandyr.
- Mälim bolşy ýaly, suwuň gaýnamagy bilen, onuň düzümindäki saglyk üçin käbir zyýanly bakteriýalar aýrylýar. Şonuň üçin çagalara, köplenç gaýnap, sowan suw bermek maslahat berilýär.
- Gök önümleri hem gaýnag ýa-da gyzgyn suw bilen çaýkamak has peýdalydyr.
- Horlanmak isleýän adamlara ilkinji emleriň biri hökmünde içine biraz limon sykylan gaýnag suw içmegi endik edinmek maslahat berilýär.
- Gaýnag suw bokurdakda we burunda dümew ýa-da başga täsirler arkaly döran dykylmalary açmagyň bire-bir emidir.
- Ses bilen köp işleýän adamlara (aýdymçylara, alypbaryjylara) diňe çykyş edýän wagtynda dal, eýsem, hemişe gaýnag suw içmegi endik edinmek maslahat berilýär. Bu olaryň sesiniň hemişe dury we belent bolmagyna oňyn täsir edýär
- Gaýnag suw gan basyşynyň peselmegi we beýgelmegi ýaly ýagdaýlar üçin hem peýdalydyr. Ol ganyň basyşyny kadalaşdyrýar.
- Gaýnag suwuň bedeniň dürli wiruslara garşy göreşijiligini ýokarlanmakda, çalasynlygy artdyryp, özüňi ýeňil duýmakda, dümewiň öňüni almakda, degna dartgynlygyna garşy göreşmekde we ony gowşatmakda, zehini ýiteltmekde, saçyň düşmeginiň öňüni almakda peýdasy uludyr.



***Taýýarlan: Şeker HUDAÝBERENOWA,***
***Halkara žurnalistikasy fakultetiniň II ýyl talyby.***

# AŞGABADYŇ AK MERMERDEN KÜRTESI

(PUBLISISTIKA)

Bir gezek Aşgabadyň ak mermerli binalaryny synlap, Arçabil şaýolunyň ugrundan kitaphana tarap ýöräp barýarkam owadan bezelen gyzyl kürteli gelniň mähriban ojagyndan çykyp, ak mermerli ýaşaýyş jaýynyň gapysyndan girip barýandygyna gözüm düşdi. Özboluşly gözelligi bilen tapawutlanyp, dähedem-dessemläp ýöräp barýan gelni üstündäki gyzyl kürtesi diýseň bezeýärdi. Köpçüligiň içinden ünsümi özüne çeken gelin kürtesi kellämi pikir bilen gurşap aldy. Kürte... Kürtä beslenmek. Bu gymmatlyk biziň milliligimiziň, milli ýörelgelerimiziň dowamat dowamlylygy. Kürtäniň owadanlygyny synlap, türkmen toýlarynyň bezegi bolup durýandygyna göz ýetirýärsiň. Men bu hakykat babatynda oýlanyp barşyma, başga bir milli hakykata düşünip gidýärin. Edil şol pursat aklymda Aşgabadymyzyň ajaýyp binalarynyň mermer bilen bezelişini hem ak kürtä meňzetdim. Özünde täsin duýgy döredýän türkmen toýlaryny milli ketenisiz, gyzyl kürtesiz, gyzmyzy donsuz göz öňüne getirip bolmaýşy ýaly, ak şäherimiz Aşgabady ak mermerli binalaryndan aýry synlap bolmajakdyna düşünýärsiň. Toý kürtesi türkmen toýlarynyň bezegi bolýan bolsa, ak şäherimiziň binalarynyň mermeri onuň toý gününiň bezegidir.

Seredip otursam, Aşgabadymyzyň ak mermere beslenmeginiň düýp many-mazmunynda, binýadynda kürtämiziňki ýaly millilik bar eken-ä. Hormatly Prezidentimiz özüniň «Arşyň nepisligi» atly kitabynda milliligi hemme zatdan ileri goýýar. Söhbedimizde ýaşuly binagärlerimizden biri paýtagtymyzyň ak mermere beslenmeginiň sebäbini ykdysady bähbit bilen düşündirdi. Onuň aýtmagyna görä, jaýlaryň mermer bilen örtülmek işi binalaryň ozalky döwürlerde bolşy ýaly garşy-garşy suwalyp, agardylyp, reňklenip durmak zerurlygyny aradan aýyrýar. Şeýlelikde, bu gaýtalanyp durýan abadançylyk işlerine sarp edilýän çykdaýjylaryň ýüki azalyp, şäher hojalygy uly ykdysady peýdalary gazanýar. Göräýmäge ilkibaşda binalaryň ak mermere beslenmek işi gymmada düşýän ýaly bolup görünse-de, aradan aýrylyp gidýän yzygiderli çykdajylar bilen deňeşdirilende bu mermerli iş bize ykdysady taýdan örän peýdalydyr.



Elbetde, binagäriň mermer we bu ykdysady peýda barada aýdýanlary bilen ylalaşmazlyk mümkin däl. Emma maňa Aşgabadyň ak mermere beslenmek işiniň millilikden gözbaş alyp gaýdýan tarapy has ileri görünýär. Adam durmuşynyň dowam etmeginde iň esasy synasy onuň ýüregi hasaplanýan bolsa, Aşgabadyň ýüregi onuň ak mermere örtülen binalarydyr... Binalarymyzyň ak mermerden bolmagy aýratyn tapawutlanýan özboluşly binagärçilik sungatymyzyň bardygyny görkezýär. Ata-babalarymyzdan gelýän «Ak zat alnyňa ýagşy» diýlen nakyla görä, halkymyzda ak reňk päkligiň, arassalygyň, alnyň açyklygyny alamatlandyrýar.

Şeýdip, binalaryň ak mermeri barada pikirlenip barşyma men kitaphana gelip ýetenimi duýman galypdyryn. Onuň gapysyndan girip, adymy bellige aldyranymdan soň hatar-hatar örülen kitaplary görüp, özümi kitaplar ummanyna düşen ýaly duýdum. Okajak kitabymy elime alyp, okap başlanymda, garşymda özüne çekiji at ýazgyly kitap gözüme ildi. Bu meşhur taryhçy alym Öwez Gündogdyýewiň «Aşgabat – keramatly Ärsagyň şäheri» atly kitabydy. Men Aşgabadyň geçmişi bilen baglanyşykly ilkinji döran ak öýleriň, şäheriň köne bölegindäki ýollaryň dar we aýlawlydygyna kitapda ýerleşdirilen suratlaryň üsti bilen göz ýetirdim. Ondaky suratlar şäheriň öňküsinden ep-esli tapawutlydygyny deňeşdirmäge ýardam berdi. Şol ýyllarda köçeleriň atlary döwrüň meşhur harby ýolbaşçylarynyň hormatyna atlandyrylýan eken. Şol döwürde peýda bolan ilkinji köçeleriň biri Kuropatkinskaýa (häzirki Magtymguly şaýoly) boldupdyr. Lewaşewskaýa köçesi (häzirki Azady köçesi) köp adamly bolup, harytlar bilen araba kerwenleri irden agşama çenli aýlanýan eken. Sowet döwründe paýtagtyň baş binagäri bolup işlän Abdulla Ahmedow şäheriň ösmeginde we abadanlaşdyrylmagynda möhüm rol oýnapdyr. Köp binalar, şol döwrüň Türkmenistanyň binagärçiliginiň esasy ugurlarynyň has aýdyň ýüze çykan bezeglerine laýyklykda gurlupdyr. Umuman, Aşgabadyň taryhy onuň dürli döwürlerdäki ýagdaýy hem-de binagärçilik gurluşygynyň aýratynlygyny özünde jemleýär. Ýöne Aşgabadyň binagärlik çözgütleriniň içinde iň naýbaşysy bolup, öňki we soňky köp ymaratlarymyzyň ak mermere beslenmegi bolup görünýär. Indi Aşgabat köp gatly ak mermerli jaýlar bilen bezeldi, günde on müňlerçe awtoulag giň şa ýollardan geçýär. Häzirki Aşgabadyň tylla Günüň ýagty saçýan şöhlesine, ak merjene deňelýändigi düýbünden dogry.

Ine, «Türkmenistan — parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» ýylynda hem Aşgabat özüniň 140 ýyllyk toýuna mermere bürenen ak kürtesini üstüne atyp, täze ösüşlere tarap ynamly öňe barýar. Güneşli Aşgabadyň ýalkymy dünýäniň jahankeşdelerini özüne çekýär. Sebitiň binagärlik merjenine öwrülen Aşgabat bu gün dünýä jemgyýetçiliginiň ýokary bahasyna mynasyp bolýar. Munuň mysalynda, 2013-nji ýylyň 25-nji maýynda Aşgabadyň dünýäde ak mermerli binalaryň iň köp gurlan şäheri hökmünde Ginnesiň rekordlar kitabyna girendigini, şäherde ilkinji rekord eýesi bolan Döwlet baýdagymyzyň Baýdak sütünini (133 metr), 2010-njy ýylda «Oguzhan we onuň ogullary» çüwdürim toplumyny, (14,82 gektar meýdanda 26 kompozisiýa), 2011-nji ýylda, ýazgy gutusy teleýaýlym we radio merkeziniň binasynda Oguzhan ýyldyzy bilen doldurylandygyny aýtmak bolýar. Şäheri alamatlandyrýan bina hem ünsden düşürilmedi: 2016-njy ýylda Aşgabat halkara howa menziliniň iň uly haly bezegleri (705 inedördül metr) bilen Ginnesiň kitabynda aýratyn orun aldy. Şeýle-de, 2017-nji ýylda birbada ikisi: Olimpiýa stadionynda dünýäniň iň uly at nyşany we Olimpiýa toplumynyň iň uly ýapyk howzuny hem bellemek bolýar. Umuman, 2008-nji ýyldan bäri, her ýyl Ginnesiň Rekordlar kitaby elmydama türkmenleriň paýtagty tarapyndan özboluşly binagärlik ýazgylary bilen täzelenýär.

Hawa, Aşgabadymyzyň binagärlik çözgütleriniň ençemesi Ginnesiň rekordlar kitabyna girdi. Ýöne bu ajaýyplyklarymyzyň içinde 2013-nji ýylda Aşgabadyň dünýäde ak mermerli binalaryň iň köp gurlan şäheri hökmünde Ginnesiň rekordlar kitabyna girendigini buýsançly bellemek maňa has ýakyn görünýär. Şol ýyldan bäri ýurdumyz her ýyl Aşgabat şäheriniň gününi 25-nji maýda uly dabara bilen belleýär. Aşgabat gülläp ösüşiň paýtagty hökmünde täze üstünliklere barýar. Taryhda yz goýjak täze sahypalar entek öňde, sebäbi ösýän Aşgabat jadyly uçuşyny dowam etdirýär.

Ynha, bu günem paýtagtymyzyň ajaýyp şaýolundan ýöräp barýarkam öňki garşylaşan toý kürtesinden has owadan bezelen gelne gözüm düşdi. Şol pursatda men ýene-de Aşgabadyň toý gününi bezeýän binalarynyň ak mermere beslenişine guwançly bakýaryn. Ine, şu pursatda hem: «Aşgabadyň ak mermerden kürtesi» diýip, pyşyrdanymy duýman galýaryn.

Goý, biziň paýtagtymyzy sazlaşykly gözelliklere, ak mermerli belent binalara, sebitde deňi-taýy bolmadyk ymaratlara besleýän Mähriban Arkadagymyzyň jany sag, ömri uzak, il-ýurt bähbitli başlangyçlary rowaç bolsun!



**Gözel EMINOWA,**
**Halkara žurnalistikasy fakultetiniň III ýyl talyby.**
**«Ýaş diplomatyň sesi».**

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ
«TÜRKMENIŇ ALTYN ASYRY»
ATLY BÄSLEŞIGINE

## Ak şäherim Aşgabat

Ak mermerden binalaryň başyn arşa direýär,
Aziýanyň merjeni sen, ak şäherim Aşgabat.
Gören aşyk gül keşbiňe, görmedikler intizar,
Watanymyň göwheri sen, bagt şäherim Aşgabat!

Çar tarapyň köşgi-eýwan, haýran edýäň dünýäni,
Türkmeniň ak bagty bolup, şugla saçýaň Gün ýaly.
Bagşa aýdym, şahyrlara çäksiz ylham ummany,
Göýä ajap erteki sen, ak şäherim Aşgabat!

Olimpiýa şäherçesi, gör, neneňsi ajaýyp,
Bezeg berip dur keşbiňe, gözelligňe nur çaýyp.
Seýilgählerň bagy-bossan, çüwdürimleň şaglaýyp,
Diýarymyň gül görki sen, ak şäherim Aşgabat!

Arkadagyň yhlasyndan beslendiň ak mermere,
Köşgi-eýwan binalaryň bürendi altyn-zere.
Döretsem-de ajap dessan, azdyr waspyň diýere,
Watanymyň ýüregi sen, ak şäherim Aşgabat!



**Tawus AKJAÝEWA,**
***Halkara žurnalistikasy fakultetiniň II ýyl talyby.***

ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI
INTERNET GAZETI
Bizih baş maksadymyz Watana gulluk etmekdir!
THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT
INTERNET NEWSPAPER
Our main goal is to serve the Motherland!

*Internet gazeti Žurnalistikanyň nazaryýeti we amalyýeti kafedrasynyň gözegçiliginde taýýarlanyldy.*

*Internet gazetiň mazmun, neşir, çeperçilik-tehniki dizaýn işlerini ýerine ýetirenler:* ***Bakydurdy GARAÝEW, Aýsenem ATAÝEWA,*** *Halkara žurnalistikasy fakultetiniň talyplary.*

*Internet gazet sahypalarynda Taňryberdi MYRATLYÝEWIŇ suratlary ulanyldy.*

*Redaksiýanyň döredijilik toparyna jogapkär mugallymlar:* ***Täçgeldi GUTLYÝEW, Jemile PÜRJÄÝEWA.***

